# Sähram

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Sähram Daňatar GALPAKOW

Sähram

» Eý sähram, giň dünýä sygyp bilmedim…»
Çary Ýegenmyradyň äheňinde

Eý sähram!
Ynha, geldim ýe-ne men,
Bir dem seň goýnuňda göwnüm açmaga.
Agraslygňa aşykdyryn ölemen,
Sebäp kändir, ganatsyzam uçmaga.

Depe-düzňe çyksam gursak daljygar,
Bolubersin, ýetik demim alar men.
Goý üzülsin aýakgabyň bagjygam,
Gerekse ýörärin aýak ýalaň men.

Dermanysyň elmydama her döwrüň,
Huzuryňda aram tapýan men diňe.
Gelip – kinelerden çygjaran göwnüm,
Guratmana serip goýdum men güne.

Hem göwnüme nusga etdim giňligiň,
Sada, agraslygyň guýdum ýüregme.
Arzuwyna şärik däl men illeriň,
Artyk zadam däldir meniň geregme.

Saňa gelsem gamgyn göwnüm açylýar,
Görmesemem kalbym ot alan ýaly.
Biz zerarly seňem göwnüň ýykylýar,
Olam sebäp bolýar odanar ýaly.

Men gideýin sähram, sen bir odanma,
Sen barkaň bermändim ömri darlyga.

Nalyş diýip düşünmäwer aýdanma,
Meniň üçin deňsiň bütin barlyga. Goşgular